# «Eje»-den añyrda söz ýok

Category: Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Eje"-den añyrda söz ýok «EJE»-den AÑYRDA SÖZ ÝOK



Bolar-bolmaz sözleriñ türkmeniñ sada, arassa çeper diline

aralaşyp, siňip barýandygyna içimi tutup, gynanyp ýörenime ençe ýyl dolandy. Bir zady akyl terezisine salyp, saldamlap görsem-de, sebäbine göz ýetirip bilmän ýörün. Türkmen halkynyň öz dürdäne sözleri bar bolsa-da, haýsydyr bir nadanyň, sowatsyzyň dilinden duzsuz-tagamsyz söz çyksa, onuň gerimi giňelýär-de gidiberýär. Ýaşlaryň sözleýiş diline basym siňýär. Manydan mahrum «Daş ederin!», «Aýtdym dämi, hä» ýaly sözler sanardan agdyklyk edýär. Iň ýamany-da, çagalara Myrjyn, Çüýjük, Tüküjik, Dygdy, Matdy, Haşan, Paşşy, Myşşyk ýaly atlar köp dakylýar. Şeýle atlar soňky onýyllyklarda döräp, «adamyň çyn ady, ýalan ady» diýlip başlandy. Ol-a adam, haýwandyr zatlaryň-da ýalan ady bolmaýar. Onsoň şol ýalan at ýaýrap, çyn ady unudylýar. Ýalan atlylar ýetginjek ýyllaryna ýetýär. Murt ýeri garalýar. Ýalan adyndan nägile bolýar. Köpçülikde utanýar. Adam gojalanda-da, ýalan ady kesip taşlap bolmaýar. Ol at ömür bilen dalaşýar. Diňe baky dünýä ugradylanda çyn ady aýat-töwiriň yzyndan ýatlanýar. Ýalan at ýelmeşen adamlar ogul-gyzyna çyn adyny aýtmalydyr (Ýaradana amanady tabşyranda çyn adynyň bilinmesizligi mümkin).

«Näne» sözüni 1964-nji ýylda, birinji gezek Nebitdag şäherinde, Berdi Aşyrgulyýewiň öýünde eşitdim. Oguljyklary «Näne-de-näne» diýşip durlar. Eje sözüniň «näne» sözi bilen çalşylandygyna düşünsem-de, «näne» sözüniň näme many aňladýandygyby bilmedim. Şonda çemini tapyp, Berdiden:

– Bi, «näne» sözi näme many aňladýar? – diýip soradym.

– Seniň dünýeden habaryň ýog-ow, bu söz tutuş şäheri gaplap aldy. Ýaş eneleriň çagalarynyň eje diýýäni ýokdur. Hemmesi «näne» diýýändir – diýip, hezil edinip, içini tutup güldi. Ýatan ýeri ýagty bolsun, ol pahyr degişgen, alçak, şorta sözli, güler ýüzli adamdy. O bende bilen şol ýyl tanyş bolupdym. Şonuň üçin «näne» sözüni 1964-nji ýylda eşidendigim ýadyma düşdi.

Bu söz ors dilini çala-çula bilýän ýaş enäniň dilinden çykan bolsa gerek. Generala – ýanaral, polkownige – bolköýnek, maýora – maýur, soldata – sallat, limonada – leýmunat diýilýän wagtlary az bolmandy. Näne diýilmeginiň hem «няня» sözünden galandygy görnüp dur.

**«Eje»** gudratly söz. Ene çagany dünýä inderýär. Gije ukusyny kemip, ak süýdüni emdirýär, ekleýär, saklaýar, adam sanyna goşýar. Heý-de dogran ejeňi kemsitmek bolarmy?! Herzat-da bolsa boljagy boldy. Ol söz türkmeniň gepleşik diline girdi.

Indi ýaşlara ejesine «eje» diýdirmek ýeňil düşmez. Herhal murt ýeri garalyp, jahyl çykanlar «näne» sözüniň ýerine «eje» diýmäge çalyşsalar, dünýä deňelýän enäniň sylandygy bolar. Ene-atany sylamak sogap işdir.

Tatar ÜÝŞMEKOW. Türkmen dili